Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda 665 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 10-njy awgustyndaky № 93-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# Döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 19

# „MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ MILLI STANDARTLARYNYŇ ILKINJI ULANYLYŞY“

**Mazmuny** **Bölümleriň №**


Umumy düzgünler........................................................................1-4
Kesgitlemeler ..............................................................................5
Maliýe ýagdaýy barada giriş hasabaty............................................6-16
Maglumaty açmak........................................................................17-25
Güýje girýän senesi......................................................................26


## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standartyň maksady edara tarapyndan döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna (mundan beýläk – DBEMHMS) laýyklykda birinji gezek taýýarlanan hasabatlylygyň, şeýle hem şu maliýe hasabatlylygyny öz içine alýan döwrüniň bir böleginiň aralyk maliýe hasabatlarynyň aşakdakylar ýaly ýokary hilli maglumatlar bilen berilmegini üpjün etmekden ybaratdyr:

a) peýdalanyjylar üçin aýdyň bolan we hasabatda görkezilen ähli döwürler boýunça deňeşdirmäge mümkinçilik berýän maglumatlar;

b) DBEMHMS-yna laýyklykda hasaba alnyşy ýöretmek üçin degerli ugur alyş nokady bolup durýan maglumatlar; we

ç) peýdalanyjy tarapyndan alynýan peýdadan ýokary bolmadyk harajatlar bilen alnyp bilinjek maglumatlar.

2. Edara şu standarty:

a) özüniň DBEMHMS-yna laýyklykda birinji gezek taýýarlanan maliýe hasabatlylygynda; we

b) DBEMHMS-yna laýyklykda birinji gezek taýýarlanan maliýe hasabatlylygynyň öz içine alýan döwrüniň bir bölegini görkezýän bolsa, eger olar bar bolanda, ähli aralyk maliýe hasabatlarynda ulanýar.

3. DBEMHMS-yna laýyklykda taýýarlanan birinji maliýe hasabatlylygy – bu edaranyň DBEMHMS-ynyň talaplaryna laýyk gelýändigi hakynda göni beýan

etmek we gürrüňsiz yglan etmek ýoly bilen milli standartlary kabul eden birinji ýyllyk maliýe hasabatlylygydyr, eger, mysal üçin, bu edara:

a) onuň öň ýanyndaky döwürde ähli babatda DBEMHMS-ynyň talaplaryna laýyk gelmeýän talaplara laýyklykda maliýe hasabatlylygyny tabşyran bolsa;

b) onuň öňýanyndaky döwürde tutuşlygyna däl-de, belli bir babatda DBEMHMS-ynyň talaplaryna laýyk gelýändigi hakynda göni beýan etmegi goşmak ýoly bilen, maliýe hasabatlylygyny tabşyran bolsa;

ç) ony bu edaranyň eýelerine ýa-da beýleki islendik daşarky peýdalanyjylara bermezden, DBEMHMS-yna laýyk gelýän maliýe hasabatlylygyny diňe içinde peýdalanmak üçin taýýarlan bolsa;

d) maliýe hasabatlylygynyň DBEMHMS-yna laýyk gelýän doly toplumyny taýýarlamazdan, jebislendirmek maksatlary üçin DBEMHMS-yna laýyk gelýän hasabatlylyk bukjasyny taýýarlan bolsa şeýledir;

e) geçen döwürler üçin maliýe hasabatlylygyny tabşyrmadyk bolsa.

4. Şu standart DBEMHMS-yny ulanyp ýören kärhananyň maliýe hasabatlylygyndaky üýtgetmeler babatynda ulanylmaýar, şeýle hem şu aşakdaky ýagdaýlarda, ýagny, edaranyň:

a) ony ozal maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda taýýarlanan ýene bir maliýe hasabatlylygynyň toplumy bilen bir hatarda tabşyrýan wagtynda, ozalky milli kadalara laýyklykda maliýe hasabatlylygyny tabşyrmagy bes edýän;

b) geçen ýylda maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda maliýe hasabatlylygyny tabşyran we bu maliýe hasabatlylygynda milli standartlara laýyk gelýändigi göni aýdylan we gürrüňsiz yglan edilen; ýa-da

ç) edaranyň auditorlarynyň bu maliýe hasabatlylygy boýunça bellikler bilen hasabat berendiklerine garamazdan, geçen ýylda maliýe hasabatlylygynyň milli standartlara laýyk gelýändigi göni beýan edilen we gürrüňsiz yglan edilen maliýe hasabatlylygyny tabşyran ýagdaýynda ulanylmaýar.

## KESGITLEMELER

5. Şu standartda aşakdaky adalgalar görkezilen manylarynda ulanylýar:

**Döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna geçilýän sene -** edaranyň özüniň DBEMHMS-yna laýyklykda birinji maliýe hasabatlylygynda doly deňeşdirme maglumaty berýän iň irki döwrüniň başlanýan wagty.

**Döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlary boýunça birinji maliýe hasabatlylygy** – edaranyň DBEMHMS-yny onuň DBEMHMS-yna laýyk gelýändigini göni beýan etmek we gürrüňsiz yglan etmek ýoly bilen kabul edýän birinji ýyllyk maliýe hasabatlylygy.

**Hasabat senesi -** maliýe hasabatlylygynyň ýa-da aralyk maliýe hasabatynyň düzülen iň soňky döwrüniň ahyry.

**Döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna geçilenden soňky birinji hasabat döwri -** edaranyň DBEMHMS boýunça birinji hasabatlylygynyň hasabat senesinde tamamlanýan hasabat döwri.

**Döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryny birinji gezek kabul eden edara** – özüniň maliýe hasabatlylygyny birinji gezek DBEMHMS boýunça tabşyrýan edara.

**Ozalky milli hasaba alyş kadalary –** edaranyň DBEMHMS-yny kabul etmezinden öň peýdalanan hasaba alyş esasy.

**Döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlary boýunça maliýe ýagdaýy barada giriş hasabaty -** edaranyň DBEMHMS-yna geçýän senesine görä maliýe ýagdaýy hakynda hasabat.

**Başlangyç gymmaty** – belli bir senedäki gymmaty ýa-da ulanyş tutumy alynýan gymmaty aňlatmak üçin peýdalanylýan ululyk. Soňky könelme ýa-da ulanyş tutumy edaranyň şu belli bir senedäki ýagdaýa görä aktiwi ýa borçnamany ilkibaşda ykrar etmegini we onuň gymmatynyň başlangyç gymmata deň bolmagyny göz öňünde tutýar.

**Adalatly gymmaty** – gowy habarly, şunuň ýaly geleşigi geçirmek isleýän biri-birinden garaşsyz taraplaryň arasynda geleşik geçirilende aktiwi çalyşyp ýa-da borçnamany düzgünleşdirip bolýan pul möçberi.

## MALIÝE ÝAGDAÝY BARADA GIRIŞ HASABATY

6. Edara DBEMHMS-yna geçilýän pursatyndaky ýagdaýa görä, döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlary boýunça maliýe ýagdaýy hakynda giriş hasabatyny taýýarlamaga borçlydyr. Ol edaranyň DBEMHMS-yna laýyklykda hasaba alnyşy ýöretmegi üçin ugur alyş nokady bolup durýar.

7. Edara özüniň DBEMHMS boýunça maliýe ýagdaýy barada giriş hasabatynda we DBEMHMS boýunça berlen birinji maliýe hasabatlylygynda görkezilen ähli döwürler üçin şol bir hasaba alyş syýasatyny peýdalanmalydyr. Bu hasaba alyş syýasaty onuň DBEMHMS boýunça birinji maliýe hasabatlylygynyň hasabat senesinde hereket eden her bir DBEMHMS-ynyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

8. Edara özüniň DBEMHMS boýunça maliýe ýagdaýy barada giriş hasabatynda:

a) DBEMHMS tarapyndan ykrar edilmegi talap edilýän ähli aktiwleri we borçnamalary ykrar etmäge;

b) eger-de DBEMHMS şu hili ykrar etmäge rugsat etmeýän bolsa, maliýe ýagdaýy barada hasabatyň maddalaryny aktiwler ýa-da borçnamalar hökmünde ykrar etmezlige;

ç) ozal ulanylan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda bir görnüşe degişli aktiwler, borçnamalar ýa-da maýanyň bölekleri hökmünde ykrar edilen, ýöne DBEMHMS boýunça aktiwleriň, borçnamalaryň ýa-da maýanyň bölekleriniň başga görnüşine degişli bolan maddalary gaýtadan topara bölmäge; we

d) ykrar edilen ähli aktiwlere we borçnamalara baha bermek üçin döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryny ulanmaga borçlydyr.

9. Edaranyň özüniň DBEMHMS boýunça taýýarlanan maliýe ýagdaýy barada giriş hasabatynda peýdalanýan hasaba alyş syýasaty onuň ozal ulanan hasaba alyş

kadalaryna laýyklykda şol senedäki ýagdaýa görä peýdalanan hasaba alyş syýasatyndan tapawutlanyp biler. Degişli düzedişler DBEMHMS-yna geçilýän pursatyndan öň bolan wakalaryň we amallaryň netijesinde ýüze çykýar. Şonuň üçin hem edara bu düzedişleri DBEMHMS-yna geçilen pursatynda gönüden-göni arassa aktiwlerde ykrar etmäge borçlydyr.

10. Edara DBEMHMS-yna geçilýän pursatda esasy serişdeleriň obýektine adalatly gymmaty boýunça baha bermek we bu adalatly gymmaty onuň şol pursatdaky başlangyç gymmaty hökmünde peýdalanmak hakynda çözgüt kabul edip biler.

11. Birinji gezek DBEMHMS-yny kabul eden edara ozal ulanan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda ýa-da DBEMHMS-yna geçilen pursatyndan öň geçirilen, esasy serişdeleriň obýektine gaýtadan baha bermegiň netijelerini gaýtadan baha bermegiň geçirilen pursatyndaky başlangyç gymmat hökmünde peýdalanmagy karar edip biler, eger gaýtadan baha bermegiň netijesinde alnan gymmaty umuman alanyňda şular bilen deňeşdirip bolýan bolsa:

a) adalatly gymmaty bilen; ýa-da

b) DBEMHMS boýunça hasaplanan we mysal üçin, bahalaryň umumy ýa-da anyk indeksiniň üýtgemegini görkezmek maksatlary üçin düzediş girizilen gymmaty ýa-da ulanyş tutumy alynýan gymmaty bilen.

Şunuň ýaly çemeleşme, eger edara "Maýa goýum emlägi" DBEMHMS-ynda göz öňünde tutulan, özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyş modelini peýdalanmagy karar eden bolsa, maýa goýum emlägi üçin hem, "Maddy däl aktiwler" DBEMHMS-ynda ykrar etmegiň ölçeglerine laýyk gelýän maddy däl aktiwler üçin hem peýdalanylyp bilner. Edaranyň çözgütleriň bu görnüşlerini beýleki aktiwler we borçnamalar üçin peýdalanmaga haky ýokdur.

12. Birinji gezek maliýe hasabatlylygynyň milli standartyny kabul eden edara käbir aktiwleriň we borçnamalaryň başlangyç gymmatyny olara - edara tarapyndan ozal ulanylan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda - hususylaşdyrmak ýa-da paýnamalary ilkibaşda köpçülige teklip etmek ýaly wakanyň netijesinde haýsydyr bir anyk senedäki adalatly gymmaty boýunça baha bermek ýoly bilen belläp biler. Ol waka bilen şertlendirilen adalatly gymmaty boýunça berlen şunuň ýaly bahany bu baha bermegiň geçirilen senesinde, DBEMHMS-yna geçmek maksatlary üçin, ilkibaşky gymmat hökmünde peýdalanyp biler.

13. Edaranyň ozal ykrar edilen maliýe aktiwini ýa-da maliýe borçnamasyny peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça baha berilýän maliýe aktiwi ýa-da maliýe borçnamasy hökmünde ýa-da ýerlemek üçin bar bolan maliýe aktiwi hökmünde topara bölmäge haky bardyr.

14. Edaranyň DBEMHMS-yna geçilýän pursatda DBEMHMS-yna laýyklykda ýerine ýetirilen baha beriş hasaplamalary, eger bu hasaplamalaryň ýalňyş geçirilendigine açyk subutnamalar ýok bolsa, ozal ulanylan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda şol senede geçirilen baha beriş hasaplamalary bilen laýyk gelmelidir (hasaba alyş syýasatyndaky tapawutlary görkezmek maksadyna eýerip geçirilen düzedişleri hasaba almak bilen).

15. Edara özüniň ozal ulanylan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda ýerine ýetiren baha beriş hasaplamalary hakyndaky maglumaty DBEMHMS-yna

geçilenden soň alyp biler. Şeýle ýagdaýda edara şunuň ýaly maglumatyň alynmagyny hasabat senesinden soňky düzediş girizmeýän wakalaryň hasaba alynýan tertibinde, "Hasabat senesinden soňky wakalar" DBEMHMS-yna laýyklykda hasaba almaga borçlydyr.

16. Edara DBEMHMS-yna geçilýän pursatda DBEMHMS-yna laýyklykda, ozal ulanylan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda şol pursatda olaryň ýerine ýetirilmegi talap edilmedik baha beriş hasaplamalary gerek bolup biler. "Hasabat senesinden soňky wakalar" DBEMHMS-ynyň talaplaryna laýyklygy gazanmak üçin, DBEMHMS-yna laýyklykda bu hasaplamalar DBEMHMS-yna geçilýän pursatda bar bolan şertleri görkezmelidir. Hususan-da, DBEMHMS-yna geçilýän pursatda bazar bahalarynyň, göterim möçberleriniň ýa-da puluň hümmetiniň hasaplamalary şol pursatdaky bazar şertlerini görkezmelidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

17. "Maliýe hasabatlylygyny bermek" DBEMHMS-ynyň talaplaryna laýyk gelmegi üçin, edaranyň DBEMHMS boýunça birinji maliýe hasabatlylygy DBEMHMS-yna laýyklykda, bolmanda bir ýylyň deňeşdirme maglumatyny öz içine almalydyr.

18. Edara özüniň ozalky hasaba alyş kadalaryndan DBEMHMS-yna geçmeginiň onuň hasabatynda görkezilen maliýe ýagdaýyna, kärhananyň işiniň maliýe netijelerine we pul serişdeleriniň hereketine nähili täsir edendigini düşündirmäge borçlydyr.

19. Edara özüniň DBEMHMS boýunça birinji maliýe hasabatlylygyna şulary goşmaga borçlydyr:

a) DBEMHMS-yna geçilen senedäki we bu kärhananyň ozal ulanan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda özüniň maliýe hasabatlylygyny tabşyran soňky döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä, özüniň ozal ulanan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda görkezilen öz maýasy bilen DBEMHMS-yna laýyklykda görkezilen öz maýasynyň deňeşdirmesini;

b) şol edaranyň maliýe hasabatlylygynda onuň özi tarapyndan ozal ulanylan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda ýyllyk maliýe hasabatlylygynyň iň soňky toplumynda görkezilen peýdany ýa-da ýitgini DBEMHMS-yna laýyklykda görkezilen şonuň ýaly döwrüň peýdasy ýa-da ýitgisi bilen deňeşdirmäni; we

ç) eger bu edara özüniň DBEMHMS boýunça maliýe ýagdaýy barada giriş hasabatyny taýýarlamagyň barşynda gymmatyň gaçmagyndan çekilen haýsydyr bir ýitgini ilkinji gezek ykrar eden ýa-da dikelden bolsa, maglumaty şunuň ýaly açmak, eger-de bu edara gymmatyň gaçmagyndan çekilen şu ýitgini ýa-da onuň dikeldilmegini DBEMHMS-yna geçilen pursatdan başlanýan döwrüň dowamynda ykrar eden bolsa, "Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy" DBEMHMS-yna laýyklykda talap edilip bilnerdi.

20. Deňeşdirmeler peýdalanyjylaryň maliýe ýagdaýy barada hasabatdaky we jemi peýda barada hasabatdaky degişli düýpli düzedişlere düşünip bilmekleri üçin ýeterlik maglumaty bermelidir. Eger edara pul serişdeleriniň hereketi barada hasabaty onuň özi tarapyndan ozal ulanylan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda

beren bolsa, ol pul serişdeleri barada hasabatdaky düýpli düzedişlere düşündiriş bermäge borçlydyr.

21. Eger edaranyň özi tarapyndan ozal ulanylan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda taýýarlanan hasabatlylykda ýol berlen ýalňyşlyklar onuň özüne mälim bolan ýagdaýynda, onda geçirilmegi talap edilýän degişli deňeşdirmeler bu ýalňyşlyklaryň düzedilişini we hasaba alyş syýasatyndaky üýtgetmeleri aýratynlykda görkezmelidir.

22. "Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar" DBEMHMS-y edaranyň DBEMHMS-yny birinji gezek kabul edýän mahalynda bolup geçýän hasaba alyş syýasatyndaky üýtgemelere degişli däldir. Şonuň üçin hem "Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar" DBEMHMS-ynyň hasaba alyş syýasatyndaky üýtgetmeler barada maglumatlary açmak baradaky talaplary edaranyň DBEMHMS boýunça birinji gezek taýýarlanan maliýe hasabatlylygyna degişli ulanylmaýar.

23. Eger edara ozalky döwürler üçin maliýe hasabatlylygyny bermedik bolsa, onuň DBEMHMS boýunça birinji gezek taýýarlanan maliýe hasabatlylygy bu ýagdaýy açmalydyr.

24. Edara her bir topar boýunça topara bölünen maliýe aktiwleriniň ýa-da maliýe borçnamalarynyň adalatly gymmatyny, şeýle hem geçen döwürleriň maliýe hasabatlylygynda görkezilen topara bölünişi we balans gymmaty açmaga borçlydyr.

25. Eger edara DBEMHMS boýunça maliýe ýagdaýy barada özüniň giriş hasabatynda adalatly gymmaty esasy serişdeleriň maddasynyň, maýa goýum emläginiň ýa-da maddy däl aktiwiň maddasynyň başlangyç gymmaty hökmünde peýdalanýan bolsa, onda edaranyň DBEMHMS boýunça birinji maliýe hasabatlylygy DBEMHMS boýunça maliýe ýagdaýy barada giriş hasabatyndaky her bir gönümel maddasy boýunça şu maglumatlary açmalydyr:

a) bu adalatly gymmatlaryň umumy möçberini; we

b) ozal ulanylan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda hasabatda görkezilen balans gymmatlaryna girizilen düzedişleriň umumy ululygyny.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

26. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.